# «Itler üýrer, geçer kerwen…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Itler üýrer, geçer kerwen…" Itler üýrer, geçer kerwen,
Düwünler berkdir göbekde.
Itler düýä –haýt diýmezler,
Başarsa dişlär söbükden

Dünýäň set müň belasyndan
Yns-jynsy penalan daglar
Ahyr bir gün gadyr bilmez
Ýezidem goranna aglar.

Yňkyn çykarman jan berer,
Ömür saýylmadyk goçlar.
Ak saply aýdar kimdigin
Sürä han bolan erkeçleň.

Lebzin iman saýanlaryň
Ir-giç bagry bolar pide.
Mesirgän gelin dek dünýe
Gujagyn açar erbede…

Muhammetöwez ARRYKOW Goşgular